# Ünsli bolaweriñ!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ünsli bolaweriñ! ÜNSLI BOLAWERIÑ!




Ýurtlaryñ taryhy öwrenme formasy jemgyýetleriñ intellektual kimligine – analitiki düşünme ukybyna yşyk tutýar…
Ýurdumyzda taryh soñky ýyllarda aýratynam teleseriallardyr telegepleşikler arkaly teleýaýlymlarda we sosial mediýada täzeden «taslanýar»!
Taryh populýar görnüşe getirilip, döredip bolýan, özüñçe ýoýup bolýan güýmenjä öwrüldi. Şeýdibem geçmişe dogry düşünmek barha kynlaşyp barýar…
Pikir edip görüñ:
Öññin gördüm: teleýaýlyma çykan adamlar «halyfat baýdagy»,

«sanjagy-şerif baýdagy», «töwhit baýdagy» näme, bilip-bilmezden gowur barsyny turuzýar! Bilýän zatlary ýok eken, geñ galdym… Hasam geñ ýeri, XVI asyrdan bäri «Topgapy» köşgünde saklanýan «Mukaddes emläkler» hakda-da bilýän zatlary ýok eken…

Hemmeler öz «syrgynynyñ» syýasy garaýşyna, pozisiýasyna kybap jedele girýär.

Ine… Şeýle düşünjede ulalan talyp ýigitleriñ biri Palestinany goldap geçirilen mitinge gidende «kelimäýi-töwhit» baýdagyny eline alan birine «halyfat baýdagyny eliñe alaýma» diýip, ýumruk salgaýar! Yzyndanam syýasy atmosferanyñ täsiri bilen tussag astyna alynýar…

Şuña meñzeş sowatsyzlyklar, syýasy pozisiýalar sebäpli ýurdumyzda yzygiderli gapma-garşylyklar bolup dur.

Hiç kimse hakykaty öwrenjek bolanok.

Hiç kimse ýalan-ýaşryk öwredilen taryh düşünjesini seljerjek bolanok.

Teleseriallardan taryh öwrenilse, bolaýjagy-da şu!




* * *

Pikir edýärsiňizmi:

«Halyfat baýdagyny eliňe almak jenaýat» diýen bir aýdymça ynanýan millionlarça adam bar bu ýurtda.

«Kelimäýi-töwhit»-«Sanjagy-Şerif» nämüçin gadagan bolmaly? Hem ýüzi möhürli Hezreti Muhammet pygamberimiziň (s.a.w) baýdagyny kim gadagan edip biler?

«Halyfat» baýdagydyr öýdülýän «kelimäýi-töwhit» baýdagy bazarda aç-açan satylyp dur-a: ýaşyl reňklisi 144 lira, gara reňklisi (megerem Hezreti Muhammet döwrüniň simwoly bolandygy

üçin) 224 lira!
Añ bulaşyklygy şundan gelýär:
«El-Kaide», «YŞYD» ýaly yslamy syýasy propogandalaryna perde tutunan terrorçylykly toparlar ýüzünde “Lâ İlâhe İllallah Muhammedun Resulullah” («Alladan başga Hudaý ýokdur, Muhammet Allanyñ ilçisidir») sözi bolan «kelimäýi-töwhit» baýdagyny ulanýar.
Şeýle-de:
Owganystan, Saud Arabystany ýaly käbir ýurtlaryñ baýdagynda «kelimäýi-töwhit» bar.
Muhammet pygamberiñ (s.a.w) «raýe» diýilýän baýragyny ulanan – abbasy halyflygy ýaly taryhda birnäçe mysallary bar…
Bulary bilmän, her arap elipbiýinde ýazgy görende «halyfat baýdagydyr» öýtmek sowatsyzlygyñ alamaty. Serediñ, bir mysal bereýin:
Sewgi Gönüliñ, yzyndan Mustafa Koçyñ, Suna Kyraçyñ tabytynyñ üstünde “La ilahe Illallahu el-Melikül-hakkul-mubin Muhammedun resulullah sadikul-wadil-emin” («Hak we hakykat bolan älem-jahanyñ eýesi Alladan başga hudaý ýokdur, dogruçyl we sözüniñ eýesi Muhammet Onuñ ilçisidir») ýazgysy bolan gyzyl baýdak bardy.
Her gören arapça ýazgyñyza, simwolyñyza reaksiýa bildirjek bolup ýörmäñ Musulman kimligine bular ýalam saýrylaşmañ…




* * *

– Halyfatyñ eýesi Osmanlynyñ baýdagy nähilidi?

Goşun bölümleriniñ söweşjeñ baýdaklaryny «halyfat baýdagydyr» öýdýän adamlar bar ýurdumyzda. Käbirleri-de, üç ýarymaýly ýaşyl reñkli osmanly söweşjeñ baýdagyny «halyfat baýdagydyr» öýdýär!

Osmanly 1596-njy ýyldan soñ käbir uruşlara (ýa-da Mahmyt II-niñ 1826-njy ýylda ýanycarlary ýok etmek üçin) «sanjagy-şerif» baýdagyny göterip girdi.

Baýdaklar barada uzyn-uzyn ýazyp durjak däl: Osmanlyda

Zülpikär gylyçly baýdaklaram bolupdyr…
Aslynda diñe baýdaklar babatda däl, halyflygyñ taryhy boýunça-da sowatsyzlyk höküm sürýär. Çünki:
Taryhyñ ýerini añsyz hyýaly güýç eýeledi! Mysal üçin, Osmanly nämüçin halyflyga zerurlyk duýdy?» soragyna boş gürrüñden başga jogap tapyp bilmersiñiz! Birinji osmanly halyfy Selim I-mi ýa-da Myrat I-mi, näçe adam bilýär?
Serediñ:
Taryh – geçmişiñ syýasy gutylar bilen sarp edilýän nostalgiýasy däl.
Taryh – oñşuksyzlyk döretmegiñ obýekti-de däp.
Bärde iñ howply zat sowatsyzlygyñ (jahylyýetiñ) herekete geçmegidir. Ünsli bolaweriñ.

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 03.01.2024 ý. Publisistika